# Goja söýgi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Goja söýgi GOJA SÖÝGI



Gijä galyp geldi minnetli söýgi,
Bu meniň bagtymmy, betbagtlygymmy?
Öýderdim: ol çyrag bir eýýäm söndi.
Bu meniň bagtymmy, betbagtlygymmy?
Söýgi çaga ýaly, soraşman gelýär,
Boýun boldum: görüp otursam bolýar.
Görnüşine görä däl eken ol ýar,
Bu meniň bagtymmy, betbagtlygymmy?

Görmesem, ýadymdan çykarýan keşbin,
Gulda namys bormy, namysdan geçdim.
Neneň çekjek goja söýginiň keşgin,
Bu meniň bagtymmy, betbagtlygymmy?

Nädip bu belanyň üstünden bardyk,
Mejnun bolaýynmy ýakamy ýyrtyp.

Meňki ruh söýgüsi – hak söýgüm artyk,
Bu meniň bagtymmy, betbagtlygymmy?

Gizlenendir Allanyň bir uçguny,
Ýogsa bormy yşgyň munça göçgüni.
Halys ruhdan düşen günüm, keç günüm,
Bu meniň bagtymmy, betbagtlygymmy?

Kowsam, gaçyp berýär ýüz müň zulumy,
Gaçsam, kowup edýär gülüm-ýalymy.
Söýgüdenmi çyn aşygyň ölümi,
Bu meniň bagtymmy, betbagtlygymmy?

Göwnüm açmaz ýalan-ýaşryk öwgüler,
Bir adam çekerden artyk gaýgylar.
Menden ar alýarmy köýen söýgüler,
Bu meniň bagtymmy, betbagtlygymmy?

Ýandym yşk oduna tütemez bolup,
Dabanny ýaladym utanmaz bolup.
Ýaşamak neneň kyn Italmaz bolup,
Bu meniň bagtymmy, betbagtlygymmy?

Italmaz AKMYRAT. Goşgular